# Sähra bilen söhbet

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Sähra bilen söhbet

SÄHRA BILEN SÖHBET

Ýene gujagyňa salama geldim,
Öpeýin gülleriň çöküp dyzyma.
Tanadyňmy sähram jigerbendiňi?
Men yşkyňda saýrap ýören gyzyň-a.

Özümem ýeke däl, Hudaýa şükür,
Özgeripmi, birmahalky gül keşbim?
Asyl meniň bütün durkum, barlygym,
Balalarmyň yşgy hem seniň yşgyň.

Men deý, kän garaşýar olar hem ýaza,
Seň mahmal bürenjek pursadyňa-da.
Sen ýaly giňligi guýasym gelýär,
Eziz balalarmyň gursagyna-da.

Guýsam göwünlerne gülleriň görkün,
Agraslyk hem seniňki deý, parasat.
Owlakly jerene meňzän zürýadyň,
Belki, gopmaz ýüreginde harasat.

Gyzylgül ANNAGYLYJOWA.

Goşgular